# Germaniýa nämüçin Ysraýyly goldaýar?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Germaniýa nämüçin Ysraýyly goldaýar? GERMANIÝA NÄMÜÇIN YSRAÝYLY GOLDAÝAR?




*Germaniýanyñ paýtagty Berlinde «Hamasyñ» Ysraýyla garşy gönükdiren hüjümleri protest edildi, 08.10.2023 ý. / Fotosurat: AA*

7-nji oktýabrda Gazada Ysraýyl-«Hamas» urşunyñ başlanan wagtyndan bäri geçen döwrüñ içinde sözbaşydaky soragy onlarça nemesden sorwnam bolsam, entek belli jogap alyp bilmedim.

Köpüsi öñdenem mälim hadysa – Germaniýanyñ taryhynda çuññur yz galdyran «Holokost» pajygasyny öñe sürýär we «ata-babalarymyz jöhitlere garşy gaty erbet zatlary edipdir, şonuñ üçinem şindizem olara özümizi borçly saýýarys» diýýärler.

Elbetde, bu ýönekeý nemesleriñ resmi özüni alyp baryşy. Emma gürrüñ gyzyşdygyça kem-kemden hakyky düşünjeler dile dökülip başlaýar.

Gürrüñiñ başynda biraz çekinjeñ we seresaply çemeleşen köp sanly nemes bir owurt kofe içenden soñ emele gelen ynam

howasynyñ berýän arkaýynlygy bilen Ysraýylyñ Gazadaky hüjümlerini akylly-başly islendik adam bilen deñ derejede genosid diýip baha berýär.
«Ýeri bolýa, makalamda adyñy we suratyñy görkezip bilerinmi?» diýenimde, hemmesi «ýok» diýip ahmyrly başlaryny ýaýkaýar.
Sebäp bu ýurtda hiç kimiñ «antisemitist» tagmasyny alasy gelenok.
Mýunhende ýaşaýan orta ýaşly gollandiýaly zenan mugallym «Meniñ pikirimçe Gazada bolup geçýänler genosidden başga zat däl» diýýär, emma «Şu sözüñi saña salgylanyp görkezip bilerinmi?» diýenimde, birhili bolýar we «Haýyş edýärin, meni bu çekişmä sokma» diýýär.
Günbatartñ birnäçe ýurdunda bolşy ýaly, Germaniýada-da jöhitler ykdysadyýetiñ jylawyny ellerinde saklaýandygy üçin «antisemitist» tagmasy ýapyşdyrylan raýatyñ bir hili ýol bilen maddy-magnawy zyýana galyp bilýär.
Eger işleýän firmañyzyñ eýesi jöhit bolup çyksa, sizem «antisemitistlikde» aýyplanan bolsañyz, şondan soñ ol firmada işlemek mümkin däl.
Nemes döwletinden tabşyryk alýan antisemitizme garşy göreş boýunça koordinatory ýa-da wekili Gaza urşy başlany bäri Germaniýadaky jöhitleriñ özlerini howpsuz duýmaýandyklary barada saga-soga reportažlar ýaýradyp, Ysraýyl üçin işjeñ propoganda işlerini alyp barýar. Birnäçe nemes syýasatçysy Ysraýylyñ özüni goramak hukugyndan söz açanda Gazada bolýan gyrgynçylygy agzaman geçýärler.
Bu ýurtdaky kiçijik, emma güýçli jöhit jemgyýetiniñ wekilleri Germaniýada Ysraýyly tankyt etmegi jenaýat eden ýaly ýagdaýa getirmek üçin ellerinden gelenini aýanoklar.
Elbetde, bütin bularyñ barsy nemes jemgyýetiniñ arasynda nägileligik döredýär.
Ýarym asyrdan gowrak wagtlap nemes syýasatynyñ, mediýasynyñ, raýat-jemgyýetçilik guramalarynyñ kiçijik jöhit topbagynyñ boýunturygy astynda bolmagy, ýönekeý nemesleriñ gahar-gazabyny oýarýar.
Nemesler jemgyýet hökmünde hiç wagtam jöhitleri halamandylar.
Bu ýurtda uzak wagtlap ýaşap görenler nemesleriñ arasynda

gizlin amerikan-ysraýyl duşmançylygynyň bardygyny duýarlar.
Gowy ýadyma düşýär, 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabr wakalarynda başlygym bolan nemes zenany gözümin içine seredip, waka hakda näme pikir edýändigimi sorapdy.
Onuň gözünde «Gowy bolaýdy, ahyrsoňy Amerika hem mynasyp jezasyny aldy, şeýle dälmi?» diýen many bardy.
Şu günlerde Germaniýada duýýan bir zadym: ýönekeý nemesleriň Gaza babatda musulmanlaryň öňünde, ylaýta-da bir ýerde bile ýaşaýan, bir edarada bile işleýän musulman goňşularynyň we işdeşleriniň öňüňde özlerini müýnli duýýandyklarydyr.
Elbetde, hiç kimse muny aç-açan dillenip bilenok, emma Gazadaky wagşyýanalykdan, ekranlary dolduryp duran bäbek genosidinden söz açylanda birnäçe nemes Ysraýyly aç-açan ýazgarmaga çekinse-de, seslerini çykaryp bilmeýändikleri üçin musulman tanyşlarynyň arasynda özlerini birhili müýnli duýýarlar.
Hernäme-de bolsa, uzak wagt bäri demokratiýa, adam hukuklary, ýaşamaga bolan hukuk ýaly meselelerde musulmanlara akyl öwreden, nutuk beren şolardy.


FİLİSTİN
MESELESİNE
GİRİŞ
FETHİ ABDULKADİR
EĞİTİM KİTABI
MÜSLÜMANLAR
ve
FİLİSTİN
DAVASI
EBU'L HASEN ALİ EN-NEDVÎ
İNCELEME-ARAŞTIRMA
5. BASKI
ASALET

Dünýä agyr synagdan geçýär. Ýewropanyň iň ösen jemgyýetleri nemesler, fransuzlar, iňlisler, italýanlar bu synagdan geçip bilmedigem bolsalar, synagdan üstünlikli geçenler irlandiýalylar boldy, olaryň yzy bilenem ispanlar.
Irlandiýaly syýasatçylar öz parlamentlerinde-de, Brýusselde-de Ysraýylyň barypýatan terror döwletidigini we Netanýahunyň Gaaga adalat diwanynda sud edilmeli uruş jenaýatkäridigini aýtmakdan çekinenoklar.
Bular ýaly seslenme Germaniýadan gelen bolsa, asman bilen ýer gapyşardy. Ýöne muňa garamazdan Germaniýada sessizlik uzaga çekmese gerek. Ýagdaýyň heran-haçan üýtgäýmegi daşda däl.
Ýurtdaky daşary ýurtly ilatyň sany barha artýar. 90-njy ýyllarsa 5%-e deň bolan daşary ýurtlylar häzir 30-%-e ýetdi. Ýagny köçedäki her üç adamdan biri daşary ýurtly we migrant gelip çykyşly, bularyňam köpüsi musulman.
Gürleşip gören onlarça nemesimden ýekesi-de: «Gowy bolaýdy, palestinalylara geregem şody» diýenok, gaýtam köpüsi Gazadaky genoside gynanýandyklaryny seresaply sözler bilen dile getirýärler.
Görlüşi ýaly, terror döwleti Ysraýyl bütin dünýäde bolşy ýaly Germaniýa-da adamlaryň gözünden düşüpdir.
Diňe nemesler geçmişden gelen gorkusy bilen bildirýän gynançlaryny häzirlikçe jylawlap oňýarlar. Emma jylawlanan duýgulardyr pikirler, ýuwdulan gahar-gazaplar haçanam bolsa bir gün daşyna pürkülip çyksa gerek.
Esedulla OGUZ,
Türkiýeli türkmen žurnalisti.

Penşenbe 16.11.2023 ý. Publisistika